# «Möý adam» komiksinde koronawirus detalynyñ işlenendigi ýüze çykdy

Category: Edebiýat täzelikleri,Hekaýalar,Jemgyýetçilik tankydy,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
"Möý adam" komiksinde koronawirus detalynyñ işlenendigi ýüze çykdy «MÖÝ ADAM» KOMIKSINDE KORONAWIRUS DETALYNYÑ IŞLENENDIGI ÝÜZE ÇYKDY

«Möý adamyñ» («Spiderman») 1991-nji ýylda çap edilen komiksinde (suratly romanynda) Korona atly super otrisatel gahryman bilen garşylaşandygy mälim boldy. Iniñi tisgindiriji tötänlikler munuñ bilenem gutarmaýar.
«Independent»-iñ habar bermegine görä, «Möý adam» Nýu-Ýork şäherine howp salýan we himiki ýollar arkaly başlaýan birtüýsli kesel ýaýradýan Korona atly bir mahluk bilen garşylaşýar.
Super gahryman komiksleriniñ jemgyýetçilik tankydy taýdan alanda baý taryhy bar we geçen asyryñ 90-njy ýyllarynda **Marwel** garaşylmadyk ýagdaýda jemgyýetçilik saglygyny goraýyş temalarynyñ üstünde işledi.
Marwel «Möý adamyñ» keseliñ elhençligi bilen ikiçäk bolup galan we **Doktor Osminogyñ** kesele garşy em tapmaga çalyşýan yzygiderli epizodlary arkaly şol döwrüñ wawwaly meseleleriniñ biri bolan AIDS krizisine yşarat edýär.

### ■ Wirus öñdengörüjiligi

Beýleki bir tarapdan **X-Men** diñe mutantlara garşy ýönelen **Legacy** wirusy bilen ýüzbe-ýüz galypdy. Bütin bu hekaýalaryñ içinde biri häzirki koronawirus ýokanjyny göz öñüne tutanyñda täsin ýagdaýda gabat gelýändigini görmek bolýar.
Spektakular «Spider-Man»-yñ 176-177-nji sanlarynda **Kurt Busiek** we **Sal Buskema** Korona atly täze wagşyny okyjylara tanatdy.

Korona obrazy etikany piñine almaýan baý alymyñ manipulýatiw uýasy bolup, ol howply synaglara meýletin ýagdaýda gatnaşýar.

## ■ **Dermanyñ yzyna düşen «Korona» obrazy**

Bu synaglar ony öýjükleriniñ islän wagty madda öwrülmegine mümkinçilik döredýän stabil däl barlyga öwrüp taşlaýar. Başga bir tarapdan bu proses degeneratiw ýagdaýdady we ony kem-kemden öldürýärdi. Korona gerekli dermanyny ele geçirmek için erkek doganyna birnäçe gezek bialaç hüjüm etmeli bolupdy.
Aslynda hekaýanyñ hakyky wagşysy Koronanyñ az tanalýan obrazy bolan erkek doganydy. Ol howpsuzlyk düzgünlerini oñly berjaý etmän, netijede uýasynda super güýçleri döreden himiki maddanyñ seresapsyzlyk bilen şäheriñ agyz suw ätiýaçlyklaryna garyşmagyna sebäp bolýar.
Nýu-Ýorkuñ her künjünde adamlar tapdan gaçmaga we ölüm howpuny-da döredýän gyzgynlyk zerarly ýarawsyzlaşmaga başlaýar. Şäheriñ ýaşaýjylaryna gerekli bolandygy üçin bir ýandan Koronanyñ dermany alyp ötägitmesine päsgel berjek bolup, bir tarapdanam **Mary Jane**iñem hassalyga ýolugyp güýçden düşmegi bilen Möý adam özüni çykgynsyz ýagdaýyñ içinden tapýar.
Hekaýa häzirki koronawirus belasynyñ dowam edýän günlerinde okamak biraz agyram bolsa, ol öñdengörüjilik pikirinde ýazylan eser däl. Busiek obrazyñ adyny bu wagşy özüni güýji we görmegeýligi añladýandygy üçin ispan dilinde «täç» manysyny berýän “Corona” sözünden alypdyr.

## ■ **Korona obrazy birwagt ýatdan çykypdy**

Busiegiñ sözüñ goşa manysyny we koronawirus diýen bir zadyñ bardygyny öwrenip, hekaýanyñ ýokary gyzgynlyk taglymy boýunça täsirlenen bolmagy-da mümkin.
Şeýle-de Korona «Spider-Man Unlimited»-iñ üçünji sanynda ýene-de göze kaklyşdy we Marwel okyjylaryna obrazyñ antigahrymana öwrülip dolanyp gelse nähili boljagyny sorady. Megerem ol beren soragyna garaşýan jogabyny almadyk bolarly. Çünki şol wagtdan bäri «Möý adam» komiksleri ýatdan çykyp gidipdi.

Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy.

@ Kitapçylar. Edebiýat täzelikleri